**Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Kartografiýa boýunça I internet ders bäsleşigini guramak we geçirmek hakynda**

# D Ü Z G Ü N N A M A

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340-njy Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynda we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasynda" hem-de 2020-nji ýylyň 4-nji dekabryndaky 2006-njy Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda" öňde goýlan wezipelerinden ugur alyp, zehinli talyplary ýüze çykarmak we höweslendirmek maksady bilen, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda 2025-nji ýylyň 17-nji dekabrynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **Kartografiýa boýunça I internet bäsleşigini** geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## I.Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **Kartografiýa boýunça I internet ders bäsleşigini** (mundan beýläk-bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe esasy mesele hökmünde Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyply we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Bäsleşigiň guraýjysy hökmünde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Geodeziýa kafedrasy çykyş edýär.

Bäsleşigiň geçirilýän möhletleri we geçirmegiň şertleri institutyň www.tdbgi.edu.tm web sahypasynyň ýörite bölümine goýulýar.

## II. Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

Bäsleşik talyplaryň taýýarlygynyň hilini kesgitlemek, olaryň bilimlerini we başarnyklaryny berkitmek we çuňlaşdyrmak hem-de döredijilik ösüşini höweslendirmek maksady bilen geçirilýär.

Bäsleşigiň maksady:

- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;

- ýokary okuw mekdepleriň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň bilelikde ylmy pikir alyşmalaryny guramak;
- hünärmenleri taýýarlamakda Kartografiýa dersiniň ähmiýetine düşünmek;
- talyplaryň döredijilik işjeňligini höweslendirmek, özbaşdak işlemek endiklerini ýokarlandyrmak we giňişleýin pikirlenmäni ösdürmek;
- talyplary taýýarlamagyň hilini kesgitlemek, nazary we amaly okuwlarda alnan bilimlerini we başarnyklaryny berkitmek;
- önümçilik we gözleg işlerinde ýüze çykýan ylmy hem-de amaly meseleleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek;
- halkara bäsleşiklerde ýokary okuw mekdebiniň adyndan üstünlikli wekilçilik edip bilýän zehinli talyplary kesgitlemek we goldamak;
- hünär taýdan taýýarlygyny ýokarlandyrmak.

## III. Bäsleşigiň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk topary we emin agzalary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory tarapyndan tassyklanýar.

Guramaçylyk topary:

- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;
- bäsleşigi geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlaýar.

## IV. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

4.1. Bäsleşige Türkmenistanyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň dürli ugurlarynyň, hünärleriniň ýokary bilim maksatnamalary boýunça okaýan talyplary gatnaşyp bilerler.

4.2. Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýän ýokary okuw mekdebi düzümi 5 (bäş) sany talypdan köp bolmadyk toparyň we olaryň ýolbaşçy mugallymynyň maglumatlary goşunda laýyklykda *(fakulteti, hünäri, ýyly, familiýasy we ady, ýolbaşçy mugallymynyň familiýasy we ady, işleýän kafedrasy, elektron poçtasynyň salgysy, telefon belgileri)* 2025-nji ýylyň 10-njy dekabryna çenli tdbgi.kartografiya@gmail.com elektron salgysyna ugratmaly.

4.3. Bäsleşik şahsy bäsleşik görnüşinde geçirilip, onda gatnaşyjylara 50 sany soragdan ybarat bolan test soraglary berler.

4.4. Bäsleşik 2025-nji ýylyň 17-nji dekabrda sagat 15:00-da geçiriler.

4.5. Bäsleşigiň geçişine “Zoom” programmasy arkaly gözegçilik alnyp barlar.

4.6. Bäsleşigiň ýumuşlary institutyň www.tdbgi.edu.tm web sahypasynyň ýörite bölümine goýular.

4.7. Bäsleşigiň gatnaşyjylaryna aragatnaşyk serişdelerini, foto, audio we wideo enjamlaryny, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat göterijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri ulanmaga rugsat berilmeýär.

4.8. Bäsleşige gatnaşýan talyplar soraglary hem-de ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da kitap, internet maglumatlaryny ulanan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

4.9. Bäsleşikde test soraglaryny ýerine ýetirmek üçin berilýän wagt-90 minut.

4.10. Bäsleşigiň eminler topary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň halypa mugallymlaryndan düzüler.

4.11. Eminler topary bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

4.12. Islendik gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bardyr. Arz-şikaýat bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna elektron poçta arkaly ýüz tutup biler.

4.13. Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däl hasap edilýär.

## V. Bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

5.1. Bäsleşik 100 bal derejede hasaplanar, ýeňijileri toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener we şahsy hem-de toparlaýyn görnüşde hasaba alynar.

5.2. Bäsleşigiň ýeňijileriniň sany I orna – 2 ýer, II orna -3 ýer, III orna – 4 ýer we höweslendiriji baýrak möçberde kesgitlener, olar diplomlar bilen sylaglanar.

5.3. Bäsleşigiň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi tassyklanylýar.

5.4. Bäsleşigiň ýeňijileri barada maglumatlar institutyň www.tdbgi.edu.tm web sahypasynyň ýörite bölümine ýerleşdirilýär.

Habarlaşmak üçin tel.: +99361669421; +99312281840; e-mail: tdbgi.kartografiya@gmail.com

Bäsleşigiň test soraglary düzülende şu görkezilen edebiýat çeşmelerinden peýdalanyldy:


1. M.Allakow “Gyzykly kartografiýa” Aşgabat. TDU, “Altyn neşir”. 2008ý.
2. Allakow M., Babaýewa T. “Karta öwreniş” Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015ý.
3. M.Allakow “Topografiki kartografiýa” Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010ý.
4. M.Allakow “Matematiki kartografiýa” Ylym, 2018ý.

**NUSGA**

**Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Kartografiýa boýunça I internet ders bäsleşigine ____________________________________________________gatnaşjak talyplar barada**

(ýokary okuw mekdebiň ady)

## Maglumat

| T/b | Familýasy ady a.a. | Okuw ýyly | Hünäri | Elektron poçtasy | Telefon belgisi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Ýolbaşçy mugallym barada
## Maglumat

| T/b | Familýasy ady a.a. | Işleýän kafedrasy | Wezipesi | Elektron poçtasy | Telefon belgisi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |